**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

## THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

**Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!**

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№9 (158) 2026-njy ýylyň 31-nji marty

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY



**21-nji martda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Pakistan Yslam Respublikasynyň Premýer-ministri Muhammad Şahbaz Şarifiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.

•••

**21-nji martda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ählihalk bag ekmek dabarasyna gatnaşdy.

•••

**21-nji martda** ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň ylhasyndan binýat bolan Arkadag şäherinde-de ählihalk bag ekmek dabarasynyň ýazky möwsümine badalga berildi. Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz gününiň giňden bellenilen günlerinde guralan asylly çärä türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy.

•••

**23-nji martda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardarä hem-de Premýer-ministri Mian Muhammad Şahbaz Şarife we ýurduň ähli halkyna milli baýram — Pakistanyň güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

•••

**25-nji martda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gresiýa Respublikasynyň Prezidenti Konstantinos Tasulasa Gresiýa Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

•••

**26-njy martda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Bangladeş Halk Respublikasynyň Prezidenti Mohammed Şahabuddine Bangladeş Halk Respublikasynyň milli baýramy — Garaşsyzlyk gününiň 55 ýyllygy mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

•••

**27-nji martda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

•••

**28-nji martda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň mejlisini geçirdi.

Müdiriýetiň mejlisine Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň agzalary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy hem-de Arkadag şäheriniň häkimi gatnaşdylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### TURKMENISTAN DELEGATION ATTENDED AN INTERNATIONAL CONFERENCE IN NEW DELHI

Currently, under the leadership of our Honorable President, Turkmenistan is successfully implementing its "Open Doors" policy, consistently strengthening mutually beneficial relations with the nations of the world, as well as economic and scientific centers. In this regard, a delegation from Turkmenistan recently travelled to New Delhi, Republic of India, to participate in an international conference organized by the India – Central Asia

During the conference, the priority areas for developing relations between the Republic of India and Central Asian countries were discussed in detail.




Foundation titled "India – Central Asia: Connectivity, Safety, and Sustainable Partnership in a Multipolar World".

### ТУРКМЕНИСТАН-ПОЛЬША: СОТРУДНИЧЕСТВО РАДИ МИРА И ПРОГРЕССА

В эти дни в столице Туркменистана с рабочим визитом находятся представители Министерства иностранных дел Польши. Европейские дипломаты участвовали в работе бизнес-форума «Новые горизонты связуемости и устойчивого роста» между Туркменистаном и Евросоюзом, прошедшего на базе столичного отеля «Йылдыз». Мероприятие было сфокусировано на стратегии Global Gateway, энергетике, «зелёном развитии» и транспортно-логистическом сотрудничестве.



В ходе визита польские дипломаты провели ряд рабочих встреч, в том числе в Министерстве иностранных дел Туркменистана, где обсудили вопросы активизации сотрудничества между внешнеполитическими ведомствами стран. Затем гости посетили институт международных отношений МИД Туркменистана, где встретились с экспертами Научного центра стратегических исследований, функционирующего при вузе.

### ТУРКМЕНИСТАН И РЕСПУБЛИКА АРМЕНИЯ УКРЕПЛЯЮТ СОТРУДНИЧЕСТВО В ОБЛАСТИ МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЙ

30 марта 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась встреча ректора вуза Гульшат Юсуповой с Чрезвычайным и Полномочным Послом Республики



Армения в Туркменистане Арсеном Авагяном.

Основное внимание в ходе беседы было уделено вопросам обмена опытом между Туркменистаном и Республикой Армения в сфере подготовки высококвалифицированных специалистов по международным отношениям и дипломатии.

В свою очередь, ректор подробно ознакомила дипломата с текущей деятельностью института и его ключевой ролью в реализации внешнеполитической стратегии нашей страны.

Программа визита завершилась ознакомительной экскурсией по институту.

**«Голос молодого дипломата».**

# ИСТОРИЧЕСКИЕ КОРНИ ТУРКМЕНО-КИТАЙСКИХ ОТНОШЕНИЙ



Новейшая история сотрудничества между Туркменистаном и Китаем тесно связана с обретением Туркменистаном независимости: КНР одной из первых признала суверенитет страны 27 декабря 1991 года, а 6 января 1992 года между Туркменистаном и Китайской Народной Республикой были установлены дипломатические отношения. За прошедшие годы две дружественные страны накопили огромный опыт взаимодействия в политической, экономической, торговой и культурно-гуманитарной сферах.

Дружественные связи двух народов уходят корнями вглубь тысячелетий и вобрали в себя ценности, обогатившие друг друга не только в политическом, но и в этническом, культурном и экономическом планах. Туркменский и китайский народы вошли в историю как дружеские народы, учившиеся друг у друга и бывшие опорой друг для друга в трудные времена. В историческом прошлом нашего народа среди дорог дружбы, пролегавших в разные уголки мира, особое место занимают отношения с древним государством Чин-Мачин — Китаем.

Туркмены на протяжении веков называли своего восточного соседа Китаем или Чин-Мачином. Корни этого названия связаны с огузо-туркменской историей. Хотя китайцы называют свою нацию «хань», а государство — «Чжунго», во многих языках мира, включая русский, слово «Китай» фактически происходит из огузо-туркменского языка. В V–VI веках огузы называли этот народ «кытай» или «хытай». Также в огузо-орхонских надписях по отношению к китайцам использовалось имя «табгач», но это чаще относилось к населению Северного Китая, смешанному с огузами. Точно так же само имя гуннов — предков туркмен — распространилось на весь мир именно через китайские источники. Это является доказательством дипломатических и культурных связей двух народов с древнейших времен.

Культурный обмен между двумя народами привел к поворотным моментам в человеческой истории. Туркмены считаются первым в мире народом, одомашнившим лошадь и изобретшим конское снаряжение. Такие приспособления, созданные нашими огузо-гуннскими предками, как седло, стремена, поводья и плетка, а также удобная для наездника одежда — штаны (джалвар), дон и папаха — были с большим интересом переняты китайцами. Согласно историческим сведениям, в древности другие цивилизации, включая китайцев, носили длинные ткани, обернутые вокруг тела. Однако необходимость ездить верхом и быть конным воином заставила их последовать примеру удобных туркменских нарядов. Исследования, проведенные в начале XX века ученым-историком П. К. Козловым на территориях Монголии и Северного Китая, обнаружили в курганах гуннских шаньюев изысканные произведения искусства — серебряные и бронзовые украшения, ткани и оружие, что является научным доказательством влияния наших предков на китайскую культуру.

Одной из самых интересных сторон взаимоотношений является сходство этнических и государственных принципов. Туркмен и китайцев называют «царскими народами». Если наш народ за свою историю создал более 70 государств, то китайцы основали более 50 государств. В обеих культурах схожа вера в то, что власть даруется Всевышним (концепция «Сына Неба» или правителя, «спустившегося с небес»). Даже наши прародители — Огуз-хан Туркмен и китайский император Яо, основавший первое государство Шань, — жили примерно в одну эпоху (III тысячелетие до н. э.). Эти сходства сблизили духовные миры двух народов.

Династия Тан (618–907 гг.), занимающая особое место в истории Китая, была периодом наивысшего расцвета туркмено-китайской дружбы. Как отмечают историки и ученые, в частности Л. Н. Гумилёв, Ли Юань, основавший государство Тан, и его род были по происхождению огузо-гуннами, представителями китаизированных туркмен. В этот период культура и искусство в Китае достигли небывалых высот. Правители древних тюрок (гёктюрков) оказывали военную и политическую поддержку танским императорам в трудные дни. Например, в 617 году Сибирь-хан поддержал Ли Юаня, отправив ему на помощь 2000 лошадей и хорошо вооруженных всадников. Благодаря такой поддержке государство Тан превратилось в самую могущественную империю региона того времени.

На протяжении истории десятки китайских послов, буддийских паломников и ученых (Чжан Цянь, Сюаньцзан и другие) оставили ценные записи о туркменской земле, гостеприимстве нашего народа и его богатой культуре. В то же время туркменские города, такие как Мерв, Ниса и Куня-Ургенч, расположенные на Великом Шелковом пути, служили основными остановками для распространения китайского шелка, бумаги и фарфора на Запад.

Сегодня, в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства, эти исторические пути дружбы наполняются новым содержанием. Недавно Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Герой-Аркадаг совершил дружественный визит в Китайскую Народную Республику. Этот визит, прошедший в атмосфере особого доверия, стал подтверждением того, что туркмено-китайское сотрудничество вышло на уровень всестороннего стратегического партнерства, определяющего архитектуру стабильности в Евразии. Это является свидетельством того, что фундамент дружбы, заложенный в прошлом, сегодня поднимается на новые высоты.

**Шыхдурды ШЫХЫЕВ,**
студент 3-го курса факультета
международных отношений.

# AKHAL-TEKE HORSES–OUR PRIDE AND GLORY

In the era of the Revival of the new era of the state, thanks to the efforts of our National Leader of the Turkmen people, Hero Arkadag, and our Honourable President, Hero Serdar, great respect is paid to our national values inherited from our ancestors and significant work is being successfully carried out to preserve, study, develop and spread their glory to the world. Turkmen horses, which are our national pride and joy, are also one of our national values, which have their origins in the depths of millennia and have entered modern world culture. The fact that 2026 was declared the Year of "Independent, Permanent Neutral Turkmenistan — the Homeland of Purposeful Winged Horses" is a clear sign of the high respect that our people place on their national values, which are the heartfelt desire of our people.

Our heavenly horses, one of the greatest material values created by our ancestors, are wonderful example of beauty. The Turkmen horse is highly respected in the books of our National Leader of the Turkmen people, Hero Arkadag, entitled "Akhalteke Horse - Our Pride and Glory", "Gadamy Batly Bedev", "Atda Vepa-da Bar, Sapa-da", as well as in the novels "Dovlet Gushy", "Alem Ichre At Gezer".

The "Galkynysh National Equestrian Games" team of the President of Turkmenistan's Akhalteke Equestrian Complex, established on the initiative of our Hero Arkadag and becoming the pride of our people, has been participating in circus art festivals of prestigious countries of the world, winning many times and deserving the Main Banners, and has been shining our sacred green Flag high. In the first days of the year "Independent, Permanent Neutral Turkmenistan is the Homeland of Purposeful Winged Horses", our people witnessed another piece of good news. From January 16 to 25 of last year, the 48th International Circus Art Festival was held in Monte Carlo, Principality of Monaco. Representing our country, the team leader of the "Galkynysh National Equestrian Games" team of the President of Turkmenistan's Akhalteke Equestrian Complex, Honored Horse Breeder of Turkmenistan Serdar Pygyev and General Director of the State Circus of Turkmenistan Serdar Gurbangulyyev participated as guests of honour. At the opening ceremony held within the framework of the international festival, the "Galkynysh National Equestrian Games" team of the President of Turkmenistan's Akhalteke Equestrian Complex was solemnly awarded international certificates by the World Circus Federation and the European Circus Association for their great contribution to circus art. This event, which raised the spirits of our people, including the happy youth, raised the glory of the Turkmen horse, the prestige of the Turkmen art of horsemanship and equestrian sport, and brilliantly illuminated the slogan of the year "Independent, permanent Neutral Turkmenistan is the Homeland of the purposeful winged Horse." This success clearly proves the successful continuation of the large-scale work on the comprehensive development of the equestrian industry under the leadership of our National Leader of the Turkmen people, Hero Arkadag, and our Honorable President, Arkadagly Hero Serdar, and arouse boundless feelings of pride in our people.Our winged steeds are one of the sources of the world-wide glory, honor and prestige of our brave people, the Independent, Permanent Neutral State of Turkmenistan. Therefore,our gratitude is boundless to our National Leader of the Turkmen people, Hero Arkadag, and to our Honourable President, Arkadagly Hero Serdar, who are taking great care at the state level to further enhance the world-wide fame of the heavenly horses that the Turkmen people have elevated to the status of sacredness.

GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN – BEDEW BATLY AT-MYRADYŇ MEKANY
2026

**Sylapberdi CHARYYEV,**
the 1st year student of the Faculty of
International Journalism.

25-nji martda Pariž şäherinde ýerleşýän ÝUNESKO-nyň ştab-kwartirasynda Türkmenistanyň Bilim ministri J.Gurbangeldiýew Bilimiň ösüşine gözegçilik boýunça Ählumumy hasabatyň (GEM Report 2026) tanyşdyrylyşyna bagyşlanan çärelere gatnaşdy hem-de birnäçe ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi.

# Watan, sen maňa juda ezizsiň!

*(Oýlanma)*



Gurbannazar şahyr aýtmyşlaýyn:

*Seniň duzuň iýdim, nanyňy iýdim,*
*Galplyk etmedim Hudaýa şükür.*
*Käte göge galdym, kä gökden indim,*
*Emma hiç ýitmedim Hudaýa şükür.*

Watan, sen neneňsi mukaddes, neneňsi gözel! Seniň keşbiňi, başy asmana ýetäýjek bolýan saýaly baglaryňy, gözel daglaryňy, alyslara uzap gidýän ýollaryňy synlamak neneňsi lezzet! Her säherler oýanyp, seniň tämiz howaňdan gursagymy dolduryp uludan dem alanymda ýüregimiň urgusynda seniň mähriňi duýýaryn. Edil şol pursatda göwnüm howalanyp, «Men dünýäde örän bagtly gyz» diýip, özüme şükürli jümleler bilen ýüzlenenimi duýman galýaryn.

Elbetde, men bagtly. Sebäbi beýik Taňrym meniň ýazgydyma şunuň ýaly mukaddes, asuda, abadan toprakda ýaşamagy ýazypdyr. Dünýä inip, agy-garany saýgaryp, mana düşünip ugranymda, «Watan» diýen sözüň manysyna doly düşünmek isläpdim. Kakam maňa «Watany söýseň, biziň hemmämizi söýdügiň bolar» diýip, öwredipdi we mukaddes topraga päk ýürekden hyzmat etmelidigimi ündäpdi. Şondan soň Watana bolan söýgi ýüregime baky möhürlenen ýaly boldy.

Watan! Meni gujagyňda ebedi ezizlejek sensiň! Seniň goýnuňda şatlyk-gülküden püre-pür çagalygym geçdi.

Ine, indi bolsa seniň goýnuňda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda talyplyk durmuşym diýseň gyzykly geçýär. Şonuň üçin, şunuň ýaly mukaddes toprakda neneň ýürek joşmasyn. Eziz ata Watanym, sen maňa ylhamsyň, her bir işimde her ädimde ruhy güýçsüň!

*Watanym başyma täç edinenim,*
*Kalbyma bagtyň nuruny saçdyň.*
*Gözüm açyp hüwdülendim goýnuňda,*
*Naşyja ýylgyryp ilki dil açdym.*

*Gujagyňda ezizlendim, söýüldim,*
*Ilkinji ädimler, ilkinji sözler.*
*Her demimde Watan saňa sygyndym,*
*Maňa kuwwat berdi bu daglar, düzler.*

*Nagyşlandy «Watan» sözi kalbymda,*
*Boldum bu Diýaryň eziz perzendi.*
*Indem bütin ömrüm saňa baglydyr,*
*Seň adyňdan başlar şygrymyň bendi.*

**Ogulnar GARRYGULOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# TALYP GÖZELI — 2026

Gözellik diňe bir daşky keşpde däl-de, eýsem, ylymda, zehinde we edep-ekramda jemlenýär. Munuň aýdyň subutnamasyny bolsa, her ýylda geçirilýän «Talyp gözeli» bäsleşiginde görýäris. Institutymyzyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby Bägül Durdyýewa hem bu bäsleşigiň sahnasynda çykyş edip, öz zehini we ukyby bilen hemmeleriň söýgisini gazanan talyp deň-duşumyzdyr. Biz hem onuň bilen söhbetdeş bolup, özünde galdyran täsirler dogrusynda



gürrüň etdik.

— *Ilki bilen sizi «Talyp gözeli» bäsleşiginiň döwlet tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanmagyňyz bilen gutlaýarys. Bäsleşik islendik talyby hem tolgundyrýan bolsa gerek. Siz nähili duýgulary başdan geçirdiňiz?*

— Ilkinji nobatda, uly buýsanç we jogapkärçilik duýgusyny başdan geçirendigimi bellläsim gelýär. Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň adyndan wekilçilik etmek, meniň üçin örän ýakymly. Maňa ynam bildiren mugallymlarymyzyň we talyp deň-duşlarymyzyň ählisine köp sagbolsun aýdýaryn.

— *Bäsleşigiň döwlet tapgyrynda çykyş edeniňizde iň kyn düşen pursat haýsy?*

— Meniň üçin iň kyn düşen synagly pursat — birinji tapgyrdaky garaşylmadyk tehniki bökdençlik boldy. Şol wagt meýilleşdirilen işleriň birden üýtgemegi uly tolgunma döretdi. Emma şol pursatda men özümi dürsemegi we asudalygy saklamagy başardym. Sebäbi hakyky sungat we taýýarlyk diňe bir çykyşlarda däl-de, eýsem, islendik kynçylykdan hem oňat baş alyp çykmakda. Bu ýagdaý maňa ugurtapyjylygy, özüňe ynamly bolmagy öwretdi.

— *Ene-ataňyzyň we mugallymlaryňyzyň goldawy size nähili täsir etdi?*

— Olaryň goldawy meniň üçin iň uly ruhy güýç boldy. Mugallymlarymyň beren maslahatlary taýýarlyk döwründe berk we erjellik bilen hereket etmäge itergi berdi, ene-atamyň öwüt-ündewleri bolsa, ýeňişe tarap ruhlandyrdy. Munuň üçin olaryň ählisine köp sagbolsun aýdýaryn.

— *Bäsleşigiň şertleriniň haýsysy sizi özüne çekdi?*

— Meniň üçin iň özüne çekiji şert türkmen milli sungatymyzy we däp-dessurlarymyzy açyp görkezmek boldy. Esasanam, keşde çekmek ýa-da dürli görnüşdäki milli tagamlary taýýarlamak ýaly türkmen gyzlaryna mahsus bolan edep-ekramy we ukyby görkezmekden uly lezzet aldym.

— *Geljekki maksatlaryňyz barada-da aýdyp beräýseňiz?*

— Halkara gatnaşyklary institutynda okaýan talyp hökmünde, geljekki žurnalist hökmünde halkymyzyň medeniýetini, däp-dessurlaryny diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, bütin dünýäde-de ýokary derejede wagyz etmegi maksat edinýärin. Şu pursatdan peýdalanyp Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýärin. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli beýik işleri mundan beýläk-de rowaç bolsun!

— *Sag boluň Bägül! Bizem size geljekki bäsleşiklerde-de üstünlikli çykyş etmegiňizi arzuw edýäris! Üstünlik hemraňyz bolsun!*

— Sag boluň!

**Söhbetdeş bolan Aýnur BAÝJIÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

# SACRIFICE FOR THE SAKE OF LOVE

***(A Monologue based on Chingiz Aitmatovs story "The Spotted Dog Running Along the Seashore")***

Imagine a world where there is only water and sky. No roads, no houses, no internet. Just the cold, grey Great Ocean. On the shore, there is a cliff that looks like a spotted dog running toward the waves. This is the home of Nivkhs. It's a name of ancient nation who lived in a Eastern Siberia for thousand years. The name of this nation "Nivkh" literally means "human" and they believe that they were born from "Mother fish" and of course they are praying to this deity…

Today is a special day. A young boy named Kirisk is going to sea for the first time. He is not alone. With him are the strongest men of his tribe: his father, his uncle, and the wise old Organ. They are going to hunt seals, but more importantly, they are going to teach Kirisk how to be a man.

In the beginning, everything is perfect. The kayak moves fast. The men are strong. Kirisk feels the salt on his skin and the wind in his hair. He feels alive. At this moment, time doesn't exist. There is only the rhythm of the oars. But the ocean is a beautiful monster. It gives life, but it can also take it away in a heartbeat.Suddenly, the world disappears. A thick, white mist falls over the water. You cannot see the sun. You cannot see the stars. You cannot even see your own hand. The "Spotted Dog" cliff is gone. They are lost.



Hours turn into days. The water in their wooden keg is almost gone. This is where the true story begins. When you are dying of thirst, you realize that the most valuable thing you have is not gold or fame. It is the simple ability to breathe and to feel the heart beating in your chest.

The men realize a terrible truth: there is only enough water for one person to survive until the wind clears the mist. That person must be Kirisk. He is the future. He is the one who must tell their story. One by one, the older men make a choice. It is not a loud or dramatic choice. It is silent.

First, the old Organ. He says he hears the Earth calling him. He slips into the cold water quietly, so the boat becomes lighter and his portion of water stays for the boy. Then, the uncle. Then, the father.

*Can you imagine the pain of the father?* He looks at his son and realizes he will never see him grow up. But he gives him the greatest gift—the chance to live. He teaches Kirisk that love is stronger than the fear of death.

Now, the boy is alone. In the middle of the silent, endless ocean. He is crying, he is scared, he is tiny. But he remembers the faces of his elders. He remembers that he was created by their love. He is not just a boy anymore; he is the carrier of their souls.

Finally, the wind comes. The mist breaks. And there, far away, he sees it—the Spotted Dog cliff. The land is waiting for him. Kirisk reaches the shore, but he is a different person. He has seen the edge of the world.

This story reminds us that every moment we live is a miracle. Sometimes we get "lost in the mist" of our daily problems, stress, and anger. We forget to notice the time passing. We forget that we are lucky just to breathe. Chingiz Aitmatov shows us that even in the darkest tragedy, there is light. The light is in our ability to sacrifice for others and to appreciate the life we were given through the love of those who came before us.

So, next time you look at the sea or just walk down the street, stop for a second. Try to live in that moment. Feel the air. Remember that you have the most valuable thing in the universe: the ability to feel and to live. Just like Kirisk, we are all in a kayak in the middle of a Great Ocean. Let's make sure we keep rowing.

**Yhlas AGOYLIYEV,**
the 1st year student of the Faculty
of International Journalism.

26-njy martda «Ýyldyz» myhmanhanasynda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda köpugurly dialogy giňeltmegiň çäklerinde «Özara baglanyşygy ösdürmek, maýa goýumlary çekmek we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça täze gözýetimler» atly işewürlik maslahaty geçirildi.

**Ynsan öz ömrüniň, köplenç, belli bir wagtlary hakynda ýatlamalara berlip, özüniň bagtly hem kynçylykly pursatlaryny ýatlaýar. Esasanam, ýatdan çykmajak ýakymly pursatlaryny köpräk ýatlamagy gowy görýändigi hakykat. Ol süýji ýatlamalaryň täsirinden çykyp bilmän, ep-esli wagtlap süýji oýlara batýar. Wagta her bir ynsan özüçe garaýar. Biz şu gezek ýaş talyplarymyzyň wagt hakyndaky oýlanmalaryny, gyzykly gürrüňlerini size ýetirmegi maksat edindik.**

# WAGTA AÇYK HAT!

(Oýlanma)



*Eý, dury akymly hem ýakymly wagt! Seni saklap bolmajak badyňda bizem seniň ýaly ýolagçy. Bu haty duýgularymyň sen hakda oýa batan gymmatly pursatynda ýazdym. Sen hemişe käte bir sagadymyzy asyra öwürýärsiň, käte bolsa iň bagtly, ýatdan çykmajak pursatlarymyzy bir salymyň içinde nirädir bir ýerlere gürüm-jürüm edýärsiň. Senden ötünç soraýaryn. Ýaşlygymyzy boş pursatlara, gerekmejek netijesiz aladalara sarp edendigim üçin bagyşla! Men indi bar zada düşündim. Seni ömrüň ýekeje sekundam ýatdan çykaryp bolmaýan eken.*

*Maňa durmuşyň her bir pursadynyň, her bir minudynyň gadyryny bilmegi öwretdiň. Seniň bilen ýaryşmak däl-de, ynsyşykly ýaşamak isleýärin. Goý, her bir başymdan geçirýän sekuntlarym biparhlygyň däl-de, umytlaryň binýadyna öwrülip, öňki ýitiren wagtlarymyň yzyndan ýetirsin. Geçmişe öwrülen günlerime minnetdar bolup, geljekdäki bagtly pursatlara bolsa sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn. Çünki sen meniň iň uly baýlygym ekeniň.*

**Şahnoza ÇARYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy
fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.

# WAGT



Wagtda göz bilen görüp, el bilen tutup bolmaýan özakymlaýyn howaýy maýyşgaklyk güýji hereket edýär. Şol akym käte çalt, käte haýal akyp geçýär. Biz her näçe wagta görä hereket etsek-de, wagt bize görä hereket etmeýär. Biz ony öz işlerimize, gündelik endiklerimize görä sazlap, uzaldyp ýa-da gysgaldyp bilmeýäris.

Ylmy barlaglara görä, wagt ulular üçin kiçilere garanda has çalt geçýär. Munuň esasy sebäbi durmuşymyzda täze zatlaryň ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Beýnimiz bize wagtyň tizligini täze maglumatlaryň az ýa-da köp kabul edilişi esasynda hasaplap berýär. Eger-de täze maglumat az bolsa, onda aralykdaky geçen boş wagtlar, gündelik edýän işlerimiz, monoton endiklerimiz beýnimiziň pursatlary birleşdiriji böleginden kesilip aýrylýar. Ine, şonuň üçinem kiçi ýaşly çagalaryň öwrenmäge zady entek köp bolandygy, ulular üçin bolsa indi olaryň köpüsiniň adatylaşandygy sebäpli wagt tizligi üýtgeýän ýaly görünýär.

Netijede, bize berlen wagty peýdaly sarp etmek we täze zatlary öwrenip, özümizi kämilleşdirmek üçin ýaşymyzyň näçe uludygyna garamazdan, diňe hereketde bolmak zerurdyr. Diňe şunuň esasynda durmuşymyzy baýlaşdyryp we gözelleşdirip bileris.

**Oguldürli GELDIÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy
fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

# WAGTYŇ SYRY

Wagt — ynsanyň elindäki iň gymmatly, emma iň çalt gutarýan hazynadyr. Biz köplenç ony tükeniksiz diýip şatlananymyzda, sagatdaky diller onuň ýalňyşdygyny subut edýär. Durmuşyň hakyky gymmaty bolsa, şol akyp barýan wagtyň her bir pursatyny nähili many bilen doldurýandygymyzda jemlenendir.

Wagtyň iň uly syry, onuň yzyna dolanmazlygydyr. Geçen her bir sekunt taryha öwrülýär we ony hiç hili maddy baýlyk bilen yzyna alyp bolmaýar. Durmuş bir derýa bolsa, wagt onuň akymydyr. Biz şol akymyň içinde ýüzýäris, emma şol bir suwa ikinji gezek düşüp bilmeýäris. Geçmiş bize tejribe berýär, emma onda ýaşamak öňe gitmegimizi bökdeýär. Geljek bize umyt berýär, emma oňa aşa bil baglamak şu günüň lezzetini ogurlaýar. Şu gün durmuşyň hakyky gymmaty we biziň bir zatlar gazanyp biljek mümkinçiligimizdir. Durmuşyň gymmatyny diňe wagt geçende däl, eýsem, şu pursatda duýmak üçin biråçe möhüm kadalary ýatda saklamalydyrys:

Maşgalaňyz, dostlaryňyz we ýakynlaryňyz bilen geçirilen wagt — minutlaryň iň gowularynyň hataryndadyr. Ýyly söz ýa-da mähirli garaýyş wagty saklap bilmese-de, ony ebedi ýatlama öwürmäge ukyply. Başgalara peýda getirmek, biriniň ýüzünde ýylgyryş döretmek wagtyň bereketini artdyrýar. Täze zatlary öwrenmek, ruhy dünýäňi baýlaşdyrmak durmuşyň mazmunyny giňeldýär. Wagt akyp barýan hem bolsa, biz şol akymyň içinde öz yzymyzy goýmaga çalyşmaly. Durmuşyň gymmaty näçe ýaşanyňda däl-de, nähili ýaşanyňdadyr.

Geljek şu günüň dowamydyr. Şonuň üçin wagtyňyza däl, ony näme bilen doldurýanyňyza üns beriň! Dünýäniň iň uly güýji sabyrlylygy we tutanýerliligi wagtyň akymy bilen birleşdirip bilmekdir.

Wagt iň adalatly kazydyr. Ol diňe sarp etmegi däl-de, eýsem, döretmegi başaranlaryň adyny taryha ebedi ýazýar. Wagt sany däl-de, hili aňladýar. Şonuň üçin her gün, täze dogan güne «Bu meniň durmuşymyň iň gymmatly pursady» diýip garamak paýhasy aňladýar.

**Güljemal ALLAGULYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy
fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.




# THE SCENT OF A ROSE



There are thousands of flowers in the world, but none can affect the human soul like a rose. The scent of a rose is the most delicate and mysterious gift nature has given us. This scent is not just something felt through the nose; it is a feeling that goes straight to the heart. When you smell a rose opening in the morning dew, it feels as if time has stopped. In that moment, you smell more than just a flower; you smell your sweetest past memories and kind moments.

The reason the scent of a rose is so valuable is not just its delicacy, but also because it has thorns. These thorns manage to protect the beauty and scent of the flower. Life is just like a rose. Difficulties (the thorns) and wonderful results (the scents) always come together. If we can handle the difficulties, we can experience the sweetest scent of life.

The scent of a rose is a symbol of value and nobility. To spread its scent around, a rose must first grow among thorns. This teaches us a great philosophy of life: "The highest goals are always reached after difficulties. A rose is not afraid of its thorns instead, it keeps its purity among them".

"The scent of a rose is its soul. Even if the flower fades, the scent it leaves lives forever in memories. The scent of a rose is a symbol of endless faith, love, and kindness. It calls us to love life, enjoy small things, and spread only goodness around us. A rose will fade, but that 'scented moment' it created will live in our memories for a lifetime. Therefore, we should soak its scent into our souls with our whole being, not just with a breath. Because that scent is the purest and truest part of life."

**Ogulnur GELDIMYRADOVA,**
the 1st year student of the Faculty
of International Journalism.



27-nji martda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowa bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasynyň (ÝUNFPA) Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça Sebitleýin direktory hanym Florens Bauer, şeýle hem ÝUNFPA-nyň Türkmenistandaky ýurt direktory hanym Çinwe Ogbonna bilen duşuşyk geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* A.Ýazweliýew, Ý.Hallyýew.
*Jogapkär kätip:* O.Çaryýarowa.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Begenjow.
*Bölüm müdiri:* B.Baýhanow.
*Edebi işgärler:* Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.
*Korrektorlar:* O.Geldiýewa, S.Çaryýew.
*Fotohabarçy:* T.Gurbandurdyýew.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com